# Goja dagym

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Goja dagym GOJA DAGYM

Geçse-de yz-yza pasyllar aşyp,
Başyñ gizläp ýatyr kyrkçilläñ gary.
A men eýýäm bahar bilen hoşlaşyp,
Gujak açyp barýan tomusa sary.

Eşdeñokmy, owsun atýan birgiden
Deñizleñ, derýalañ şat güwwüldisin,
Alañokmy, dünýämizi ýigdelden
Elwan piýalaly gülleriñ ysyn.

Silksene garyñy günüñ howruna,
Goşul şatlygyma, gojaman dagym!
Diýsem, agras güwleýäñ öz ugruña;
«Bolanok, bolanok gojalan çagyñ».

Beýle bolsa öt günäsin oglanyñ,
Ol indi geñlemez başyñ gardygyn.
…**Baharyñ, bu tomsuñ gadry bir başga**
**Görseñ bu ýerlerde gyşyñ bardygyn.**

Muhammetmyrat KÖMEKOW. Goşgular